Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2023-nji ýylyň 21-nji noýabryndaky
№96-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 1-th "Tokaý hojalygynyň işi barada hasabat" (ýarym ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## 1. Umumy görkezmeler

1.1. Tokaý hojalygy boýunça hasabatlylyk tokaý taýýarlaýyş işlerini ýagny tokaýy goramak üçin, köpeltmek, tokaý gurnamak, tokaýa ideg etmek we arassalamak üçin kesip aýyrmak hem-de tokaý hojalygy bilen baglanyşykly başga işleri geçirýän gaýry işleriň haýsy maliýe çeşmeleriniň hasabyna geçirilýändigine garamazdan, tokaý hojalygy boýunça hasabatlary kärhanalar (guramalar) düzýärler we Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň tokaý hojalygynyň müdirligine we ýerleşýän ýerindäki statistika edaralaryna tabşyrýarlar.

1.2. Hasabata girýän hemme maglumatlar anyklanan bolmaly we ilkinji hasabatyň maglumatlaryna esaslanyp, hasaphananyň paýdarlar kärhanasy boýunça önümçilik maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabaty bilen doly laýyk gelmelidir. Ilkinji resminamalara aşakdakylar degişli: ýyllyk kabul edilen meýilnamalar, ykrar hatlary, narýadlar, işe kabul ediş sanawnamalary (wedomostlary), tokaý ýangyny baradaky agaçlary kesmek işleriniň geçirilendigine şaýatlyk edýän delilnamalar, hasaba alyş kitaplary: tokaý medeniýeti, tokaý ýangyny, tokaý düzgün bozmalary we ş. m.

1.3. Hasabata kärhananyň (guramanyň) ýolbaşçysy we hasabatyň dogrulygyna, dolulygyna hem-de görkezilen salga öz wagtynda gowşurylmagyna jogap berýän wezipeli adamlar tarapyndan gol çekilen bolmaly.

Hasabatlardaky maglumatlaryň ölçeg birligi formalardaky göz öňünde tutulan ölçeg birliklerinde ýazylmaly. Natural görnüşdäki görkezijiler boýunça maglumatlar bitin sanlarda: gektarlarda, müň sany, kilogramlarda we ş.m., bahasyny aňladýan görkeziji bolsa bir onluk belgili müň manatda ýazylmaly.

Hasap beriji kärhananyň (guramanyň) doldurmaýan setiriniň we sütüniniň üsti çyzylmaly.

Eger hasabat berilýän döwürde hasabat berýän kärhananyň düzüminde üýtgeşiklik bolan bolsa (birleşdirilme ýa-da bölüp aýyrma), onda hasabatyň hemme görkezijileri kärhananyň (guramanyň) düzüminiň täze üýtgeşmelerine görä düzedilmeli.

## 1 BÖLÜM.
## TOKAÝLARY GAÝTADAN DIKELTMEK

1.1. ”Döwlet ähmiýetli tokaýlary täzeden dikeltmek", ýagny 01-nji setir boýunça tokaýda tohum ekme we nahal oturtma hem-de tokaýyň tebigy täzelenmegine ýardam etmek baradaky maglumatlar görkezilýär. „Türkmenistanyň tokaý kanunçylygynyň esaslaryna" laýyklykda döwlet ähmiýetli tokaýlara tokaý hojalygynyň döwlet guramalarynyň garamagyndaky tokaýlar, şäher tokaýlary, berkidilen we goraghanalardaky tokaýlar degişlidir. Daýhan birleşikleriniň tokaýlary döwlet ähmiýetli tokaýlara degişli däldir.

1.2. „Tokaý agaçlaryny oturtmak we olaryň tohumyny sepmek", ýagny 02-nji setir boýunça döwlet ähmiýetli tokaýlardaky nahal oturtma we tohumyny sepmek baradaky maglumatlar görkezilýär. Tokaýda nahal ekme işine tokaýyň abadanlaşdyryş meýdançasynda tohumdan gögeren ösümlikleri we nahaldyr, çybyklary oturtmak degişlidir. Tokaýda ekiş geçirmeklige agaç tohumlaryny, köpeliş usulyna garamazdan, tokaýyň medeni meýdanyna geçirmeklige düşünilýär.

Şeýle hem tokaýda ekiş geçirmek we nahal oturtmak işlerine tebigy gögeren ýaramaz agaçlaryň ýerine hojalyga gerekli agaçlary ekmek bilen tokaýy täzelemek işleri hem degişlidir. Tokaýda ekiş geçirmeklige we nahal oturtmaklyga gyzyl söwüt oturtmaklygy we indiki nahal oturtmak üçin öňünden geçirilýän beýleki çäreleri goşmaly däldir. Tokaýda ekiş geçirmek we nahal oturtmak işleri ýerine ýetirilende tokaýy abadanlaşdyrmagyň tehniki kabul ediş delilnamasynyň esasynda berlenler girizilýär. Tokaýda nahal oturdylýan meýdanlardaky agaçlaryň gelip çykyşynyň hili, ösümlikleriň gürlügi, abadanlaşdyrylan tokaýy döretmegiň tilsimaty we agrotilsimaty boýunça taslamadan goýberilen ýol berilmesiz gyşarmalary hasabata girizmeli däl. Şeýle ýerler düzedilmäge we gaýtadan tehniki kabul etmäge degişlidir.

1.3. 03-nji setirde 02-nji setiriň jemi boýunça, plantasiýa agaçlaryň oturdylan meýdan barada maglumatlar getirilýär.

1.4. 04-nji setirde 02-nji setiriň jemi boýunça, tokaýyň ekilen meýdany barada maglumatlar getirilýär. Tokaý ekmege tokaý medeni meýdanynda agaçlaryň, tohumlaryň ekilişi degişlidir.

1.5. 05-nji setirde 02-nji setiriň jemi boýunça, ähmiýeti uly bolmadyk we gűrlűgi pes bolan agaçlary täzeden dikeldilen meýdany barada maglumatlar getirilýär.

1.6. 06-njy setirde 02-nji setiriň jemi boýunça, mehanizmleşdirilen usul bilen işlenilen meýdan barada maglumatlar getirilýär.

1.7. 07-nji setir, ýagny „Öri meýdanlarynda gorag üçin ekilen tokaý agaçlarynyň döredilmegi" boýunça döredilen öri meýdanlaryň tokaý zolaklarynyň meýdany, kabul edilen tilsimata degişlilikde zolaklaryň içindäki hatararalary goşmak bilen görkezilýär. Şonuň üçin zolaklaryň arasyndaky giňişlik goşulmaly däl.

1.8. „Tokaýlaryň tebigy halda gaýtadan dikelmegine ýardam etmek", ýagny 08-nji setir boýunça agajy çapylan ýerleriň topragyny ýumşatma we tokaýy dikeldiş; tohum bilen üpjün bolan we özünden tohumlanýan hem-de ýaş agaçlar; ýeri himiki usul bilen işlemek; tokaý ýetişdirmek üçin hojalyga gerekli ýaş ösümlikleri dökünläp aýawly saklamak işleri görkezilýär.

Şeýle meýdanlar hasabata ýerine ýetirilen işiň ykrar hatynyň esasynda girizilýär.

1.9. „Şondan ýaş ösümlikleri gorap saklamak", ýagny 09-njy setir boýunça tokaý ýetişdirmek üçin saklanylýan hojalyk gymmatly ýaş agaçlar baradaky maglumatlar girýär.

Tokaý kesilenden soň galan ýaşajyk agaçlaryň sany we ýagdaýy Türkmenistanyň Daşky gursawy goramak ministrligi tarapyndan tassyklanylan „Tokaýy dikeltmek üçin hojalyk gymmatly ýaşajyk we kiçijik agaçlary gorap saklamak boýunça geçirilen çäreler baradaky” gözükdirmä laýyklykda kesgitlenýär.

1.10. 10-njy setirde “Tokaý-tohum plantasiýalarynyň oturdylany” saýlama tohumlaryň ýygnalan meýdany barada maglumatlar getirilýär.

1.11. 11-nji setir “Medeni tokaý agaçlaryna ideg etmek – bir gezek geçirilen görnüşde – hemmesi” doldurylanda, ideg gutaranlara aşakdakylar degişli:

- hatarlarda mehanizmleşdirilen we şol bir wagtda el bilen ideg geçirilen meýdanlar (gerek bolan anyk ýer bölegi);
- mehanizmleşdirilen ýa-da el bilen ideg geçirilen meýdanlar (bilelikdäki idegiň gerek däl ýeri).

Tokaýy abadanlaşdyrmak üçin bir gezeklik ideg edilýän meýdanyň tokaý ekilen we oturdylan (üstümizdäki we geçen ýyllardaky), ideg edilen meýdany geçirilen idegleriň sanyna köpeldip kesgitlenilýär.

Mysal. 2019-njy ýylda 200 ga meýdanda ekilen we oturdylan tokaýy abadanlaşdyrmak üçin edilýän ideg 2018-nji ýylda 3 gezek edildi; 2017-nji ýylda 300 ga meýdana ekilen we oturdylan agaçlara bolsa 2 gezek ideg edildi; 2016-njy ýylda ekilen 150 ga meýdana bolsa bir gezek ideg edildi. Tokaýy abadanlaşdyrmak üçin bir gezeklik ideg geçirmegiň umumy meýdany aşakdaky ýaly bolar:

200 ga x 3 = 600 ga,
300 ga x 2 = 600 ga,
150 ga x 1 = 150 ga.
Jemi: 1350 ga.

1.12. 13-nji setirde “Tokaý agaçlary üçin taýýarlanylan ýer–hemmesi” döwlet ähmiýetli tokaýlarda, çägelerde, örilerde we beýleki gerekmejek ýerlerde agaçlary ekmäge we oturtmaga, şol

sanda plantasiýalar, nahalhanalar üçin taýýarlanylan meýdan görkezilýär.

1.13. 14 –nji setirde "şolardan, geljekki ýylyň tokaý agaçlary üçin" hasabat ýylynda topragyň işlenilişi gutarylan soň geljekki we häzirki ýyl üçin tokaý agaçlaryň ekilen we oturdylan meýdany getirilýär.

1.14. 15-nji setirde "Nahalhanalarda tohumlaryň ekilişi" hasabat ýylynda agaç we gyrymsy agaçlaryň tohumlary ekilen nahalhanalaryň öndürýän meýdany görkezilýär.

Nahalhananyň tohum ekilýän bölüminiň öndürijilikli meýdanyna agajyň we gyrymsy agajyň ekilen hatar aralary we suwarylýan keşleriň ýerleşen bölegi girýär.

1.15. 16-njy setirde "şolardan gowulandyrylan tohumlar bilen" nahalhanalarda gowulandyrylan tohumlar bilen ekilen meýdan görkezilýär.

1.16. 17-nji setirde "Agaçlaryň, gyrymsy agaçlaryň, miweli agaçlaryň we tehniki tohumlaryň mekdeplerde oturdylany" mekdeplerde agaçlary oturtmak we ekmek boýunça iş edilen meýdan görkezilýär.

1.17. 18-nji setirde "şolardan iňňe ýapraklylar" ýapraklary ekmek iňňe görnüşli agaçlaryň oturdylan meýdany görkezilýär.

1.18. „Tokaý nahalhanalarynda gerbisidleriň ulanylyşy" 19-njy setir boýunça nahalhananyň tohum ekilen we mekdebiň öwrenilýän böleklerinde gerbisit ulanylan meýdan (bir gezek girizmäge
geçirlen) görkezilýär.

1.19. „Tokaý nahalhanalarynda organiki dökünleriň ulanylyşy" 20-nji setir boýunça agaçlary ösdürmek üçin dökünleri ulanmak boýunça iş edilen meýdan görkezilýär.

1.20. 21-nji setirde "Agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň tohumlarynyň taýýarlanylany (arassa) – hemmesi" kärhananyň hut öz taýýarlan arassa tohumy görkezilmeli. Başga kärhanalardan, guramalardan, ilatdan satyn alynan tohumlar goşulmaýar.

Iňňe görnüşli ýapraklylar, ýaprakly we gyrymsy agaçlaryň tohumyny taýýarlamak boýunça maglumatlaryň jemi "Agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň tohumlarynyň taýýarlanylany (arassa)" diýen setirde berlen maglumatlar bilen gabat gelmeli.

1.21. "Tokaý agaçlary bilen baglanyşykly çärelere çykdajylar" 34-nji setirde hasabat ýylynda ähli işleri geçirmäge harçlanylan serişdeleriň jemi, şol sanda işgärleriň zähmet haklary we beýlekiler görkezilýär. Maglumatlar müň manatda we bir onluk belgi bilen doldurylýarlar.

## 2 BÖLÜM.
## TOHUMYŇ GALANY

2-nji bölüm doldurylanda, tohum galyndylary hakdaky maglumata öz güýjüňiz bilen ýygnalan şeýle-de başga guramalardan gelen tohumlar goşulyp ýazylmagy göz öňünde tutmaly.

„Tohum - hemmesi" görkezilen setiriň maglumatlary berlen setirdäki maglumatlaryň jeminden köp hem bolup biler, sebäbi agaçlaryň we gyrymsy hilli ösümlikleriň tohumlary aýratyn setirde görkezilmedik.

## 3 BÖLÜM.
## TOKAÝA IDEG ETMEK

3.1. Hasabatda tokaýa ideg etmek we arassalamak űзin kärhanalaryň ýerine ýetiren çapgy işleriniň hemme göwrümi görkezilýär.

3.2. „Ideg üçin çapgylaryň hemmesi we saýlap-arassalamak üçin çapgy" 01-nji setir boýunça çapgynyň aşakdaky görnüşleri girýär: ýaşajyk agaçlara ideg etmek (reňkleme we arassalama), gyrkma, geçelge we saýlap arassalamak űçin agaç çapgy işleri girýär. Uçdantutma – arassalamak űçin çapgy aýratyn hasaba alynýar we 04-nji setirde görkezilýär.

## 4 BÖLÜM.

## TOKAÝY GORAMAK ÇÄRELERI

Hasabatdaky maglumatlar gektarda görkezilýär (bűtin sanlarda).

1. Tokaýy zyýan berijilerden we kesellerden biologik usul arkaly goramaga (01-nji set.) tokaýlara zyýan berijileriň we keselleriň garşysyna göreşmek boýunça aşakdaky ýollar arkaly amala aşyrylýan işleriň möçberi degişli: ýyrtyjy we parazitik mör-möjeklerden (entomofaglar) peýdalanmak; zyýan berijileri ýok edýän kömelek, bakterial we wirus serişdelerinden peýdalanmak; mör-möjek iýýän guşlardan peýdalanmak; attraktantlardan peýdalanmak.

2. 02-nji setirde "Göreşiň ýerüsti biologik çäreleri" tokaýlaryň zyýan berijilerden we kesellerden biologik usul, ýerüsti usul arkaly gorag edilen meýdany görkezilýär. Bu setirde ösümlikleri bioserişdeler bilen tozanlandyrmak ýa-da pürkmek geçirilen, höwürtgeleri garyşdyrmak, mör-möjek iýýän guşlary çekmek üçin ahyrlary gurmak, tokaý garynjalarynyň peýdaly görnüşlerini goramak we göçürip ýerleşdirmek, zyýan berijileriň ojagyna entomofaglary goýbermek amala aşyrylan meýdan görkezilýär.

3. 03-nji setirde "Awiahimgöreş" uçarlaryň kömegi arkaly pestisidleriň zäherli himikatlaryň peýdalanylan meýdanlary görkezilýär.

4. 04-nji setirde "Göreşiň ýerüsti himiki çäreleri" ýerüsti usul arkaly pestisidler (zäherli himikatlar) bilen işlenip bejerilen meýdanlar görkezilýär. Ýerüsti himiki işläp bejermä aşakdakylar degişli: ýerüsti enjamlar bilen tokaýy işläp bejermek, tohumdan gögeren agaçlary kesellerden goramak, kesellemegiň öňüni almak üçin nahalhanalara derman pürkmek, toprakdaky zyýan berijilere garşy göreş we işleriň beýleki görnüşleri.

## 5 BÖLÜM.
## ÝANGYN BOLUP GEÇEN MEÝDAN

5-nji ýagny „Ýangyn bolup geçen meýdan" bölűmi doldurylanda tokaý meýdanyna: tokaý bilen bűrelen meýdana – bu agaçlaryň tohumlarynyň hakyky ekilenýerleri, agaç ösýän, tokaýyň medeni ýerleri, tokaý şitilhanalaryň we atyzlaryň ýerleşýän, şeýle hem tokaý bilen örtülmedik meýdan, geljekde tokaý ekmek üçin niýetlenen meýdanlaryň degişlidigini göz öňünde tutmalydyr.( seýrek ekilen, ýangyn bolan, guran agaçly, agajy çapylan, ,tokaýdaky boş ýer we boş ýatan ýerler)

Eger şol ýa-da başga ýangyndan ýangynyň ýaýramagynyň sebäpleri bolan dűrli görnűşlerine: aşakdan, ýokardan, käbir meýdanda geçen ýangynyň her -bir görnüşi (ýangynyň bölegi), aýratyn hasaba alynýar we 5-nji bölüminiň degişli setirine ýazylýar.

„Tokaý däl meýdan" atly setirde ýangynyň döwlet goraghanalaryna we tokaý gorunyň tokaý däl meýdanlaryna täsiri (ot ýatyrylýan ýerler, öri meýdanlar,batgalyklar, şüdügärler, bagçylyklar, üzüm-çilikler, tutçylyklar, ir-iýmişli baglar we başgalar) görkezilýär.

Tokaýyň çäklerinde hojalyk maksatlary üçin geçirilen ýangyn işleri, tokaý ýangyny baradaky hasabata goşulmaýar: tokaýda agaç çapylandaky agaç galyndylary ýakylanda, tokaý dikeltme we tokaýy arassalamak üçin we ýangynyň öňüni almak maksady bilen (guran otlary, guran agaçlary, ýykylan agaçlary) geçirilen ýangynlar.

## 6 BÖLÜM.
## ÝANGYN EMELE GELMEGINIŇ SEBÄPLERI

„Ýangyn emele gelmeginiň sebäpleri" atly 6-njy bölümde hasabat berilýän döwürde tokaý ýangynynyň bellik edilen senesi we ýangynyň emele gelmeginiň sebäpleri jikme-jik görkezilýär.

„Döwlet tokaý gorunyň ýerinde bolan hemme ýangynlar", ýagny 01-nji setirde görkezilen tokaý ýangynlarynyň umumy sany bilen, ýangynyň döremeginiň sebäpleri boýunça setirleriň jemi gabat gelmeli.

02-nji setir, ýagny „ Oba hojalygyk zaýaçylygy" boýunça daýhan birleşmeleri we beýleki

oba hojalyk kärhanalary we guramalary tarapyndan tokaý meýdanlaryndaky, çemenliklerdäki we meýdanlardaky guran otlary, gamyşlary otlamak işleri geçirilýän wagtlarda ýüze çykýan ýangynlaryň sany görkezilýär.

„Araçäkdeş döwletleriň raýatlarynyň günäsi boýunça”, ýagny 03-nji setirde ot bilen seresapçylyksyz iş salyşylanda, ýörite otlanylanda, şeýle hem serhetdeş döwletleriň çäginden Türkmenistanyň çägine serhetdeş döwletleriň raýatlarynyň günäsi bilen geçen ýangynlaryň sany görkezilýär.

„Ekspedisiýanyň günäsi boýunça”, ýagny 04-nji setirde tokaýda gözleg, geodeziýa, geologiýa, tokaý gurluşyk, ekspedisiýa, guramalar we guramaçylar tarapyndan gözleg işleri geçirilýän wagtynda ýüze çykan ýangynlaryň sany görkezilýär.

„Beýleki kärhanalaryň we guramalaryň günäsi boýunça”, ýagny 05-nji setirde nebit gözleg we nebitgaz çykarmak işlerini alyp barýan kärhanalaryň, tokaýda medeni-köpçülik çärelerini geçirmekleri sebäpli; tokaýçylygyň içinden geçýän radio kabul edijiler, geçiriji turbalar, aragatnaşyk we elektrik geçirijileri, ulag we otly ýollarynyň kärhalarynyň we guramalarynyň günäsi sebäpli ýüze çykýan ýangynlaryň sany görkezilýär.

„Ilatyň günäsi boýunça”, ýagny 06-njy setirde raýatlaryň (ýerli ilat we syýahatçylar girýär) tokaýda hem goraghanalarda ot ýakanlarynda, otlary, gamyşlary otlanlarynda we ş.m. ýagny ýangyn howpsuzlyk düzgünini bozan wagtlarynyň sany görkezilýär.

“Ýyldyrym çakmagy sebäpli”, ýagny 07-nji setirde ýyldyrym çakmagy sebäpli dörän ýangyn-laryň sany görkezilýär.

## 7 BÖLÜM.
## ÝANGYNYŇ TOKAÝA ÝETIREN ZYÝANY

7-nji bölümde 1-nji “Tokaý ýangynynyň ýetiren zyýany” diýen sütün boýunça ýanan agaçlar (ga) we zyýan ýeten köküňde oturan agaçlar (02-nji setir) görkezilýär.

2-nji sütünde „Tokaý kanunçylygyny bozanlygy üçin jogapkärçilige çekmegiň düzgüni baradaky gözükdirmä” laýyklykda ýangyn sebäpli tokaý hojalygyna ýetirilen zyýanyň (01-nji setir) umumy jemi (müň.man.) hasaplanyp ýazylýar. Soňky setirlerde esasy düzümçeler boýunça şol jemiň açylyp görkezilmesi getirilýär:

02-nji setir boýunça - tokaýda köküne zyýan ýeten we ýanan agaçlaryň ýitiren haryt bahasy;

03-nji setir boýunça - tokaýlardaky öri meýdanlarda ýerleşen agaçlara zeper ýetirmek ýa-da ýok etmek maksady bilen ýetirilen zyýan;

04-nji setir boýunça - tokaýdaky ýerleşýän jaýlara, desgalara we kärhananyň tokaý hojalygyny ýöretmek üçin gerekli beýleki zatlaryna zeper ýetirmek we ýok etmek üçin ýetirilen zyýanlar;

05-nji setir boýunça - tokaýy dikeltmek we ş. m. tokaýy abadanlaşdyrmak üçin ýok bolan ösümlikleriň ýerine tebigy dörän ýaş agaçlary ekmek boýunça edilen işleriň gymmaty;

06-njy setir boýunça - döwlet tokaý hojalygynyň çäklerini ýangyn sebäpli dörän zir-zibillerden arassalamak üçin edilen işleriň gymmaty.

02-07-nji setirleriň jemi 01-nji setirdäki görkezilen tokaý ýangynynyň ýetiren zyýanynyň umumy jemine deň bolmaly.

## 8 BÖLÜM.

## TOKAÝDA ÝANGYN HOWPSUZLYGYNYŇ DÜZGÜNINIŇ BOZULMAGY BILEN BAGLANYŞYKLY ÝÖREDILÝÄN IŞLER BARADA

„Tokaýda ýangyn howpsuzlygynyň düzgüniniň bozulmagy bilen baglanyşykly ýöredilýän işler barada ” 8-nji bölümde aşakdakylar görkezilýär:

1-nji sütünde tabşyrylan işlerden derňew edaralary tarapyndan seredilmäge kabul edileni işleriň sany;

2-nji sütünde tokaý ýangyny barada düzgüni bozujylaryň işlerine kazyýetine ýetirilen maddy zyýanlary tölemek babatda döwlet arbitražyna berlen şahsy işleriň sany;

3-nji sütünde ýetirilen zyýan üçin salnan jerimeleriň jemi;

4-nji sütünde salnan jerimeleriň sany (ýagny jerime tölemek barada çykarylan kararlaryň we jerimäni töländigi baradaky kwitansiýalaryň sany);

5-nji sütünde tokaýçylaryň, tokaý bölüminiň başlygynyň we tokaý melioratiw beketleriniň bölekleriniň başlyklarynyň sany;

6-njy sütünde hadysalaryň sany;

7-nji sűtűnde tebigaty goramak edarasy tarapyndan tokaýda ýangyn howpsuzlygynyň düzgünini bozan wezipeli adamlardan we raýatlardan alynýan jerimeleriň jemi (müň manat hasabynda).

**Durmuş statistikasy müdirligi**